# Kürre bilen dost bolar

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kürre bilen dost bolar KÜRRE BILEN DOST BOLAR

Dostum sada mylaýymdy,
Işne türgen hem gaýymdy.
Iýenimiz aýra gitmezdi,
Bir zat diýseñ, unutmazdy.

Ýylgyryp, boýnun ýaplardy,
Mähirli gülüp geplärdi.
Birden uly işe geçdi,
Ýuwaş-ýuwaş ara açdy.

Beýgeldikçe wezipesi,
Has nazymly çykdy sesi,
Ýüzün barha göge tutdy,
Salam bermänem unutdy.

Bir gün irden öýe gelip,
Şorta sözler tapýar gülüp.
Towlaşdyryp meñ bilegim,
Öwürdi enterpelegim.
Ýogsam, düýnem salam bermän,
Çaña garyp, gitdi durman.

Sebäbin bilip otutsam,
Bolan işe göz ýetirsem,
Bolupdyr oñ çañyn kakan,
Asyl işden boşan eken.

Atalaryñ nakyly:
«Ýoldan çykan sus bolar,
Ýetim galan taý gelip,
Kürre bilen dost bolar».

Çary GURBANGYLYJOW. Goşgular